***Adamzat taryhy müňýyllyklaryň dowamynda beýik öwrülişikleri başdan geçirip, döwlet gurmakda ägirt uly syýasy tejribe toplady, dünýä ähmiýetli açyşlary ylma möhürledi. Muňa garamazdan, şol şöhratly taryhda bolşy ýaly, häzirki wagtda hem parahatlyk we ynanyşmak iň gymmatly, iň gadyrly düşünje bolmagynda galýar. Şonuň üçin hem hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň öňbaşçylygynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, dünýäniň ähli ynsanlarynyň parahat durmuş baradaky arzuwlarynyň beýanydyr.***

Mälim bolşy ýaly, ata Watanymyzyň daşary syýasatynyň özenini düzýän bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we ynanyşmak ýörelgeleri umumadamzat gymmatlygynyň binýatlyk esaslarydyr. 1995-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk derejesi ýurdumyzda alnyp barylýan syýasatyň, halkara gatnaşyklarynyň mazmunyny emele getirýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 2-nji maddasynda: «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy onuň içeri we daşary syýasatynyň esasy bolup durýar» diýlip bellenilýär. 2025-nji ýylymyzyň şygary bolsa şeýle asylly ýörelgeleriň mynasyp dowamydyr.

Parahatçylyk — adamzat kalbynyň ýaşaýyş şerti. Parahatçylyk diňe bir asuda ýaşaýyş däldir. Ol jemgyýetiň ösüşi, döredijiligi, medeniýetiň gülläp ösmegi üçin zerurlykdyr. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly meşhur goşgusynda: «Parahatlyk geljege iň mukaddes mirasdyr, // Ömürleriň manysy söýgi, mähir, yhlasdyr, // Adamzadyň arzuwy abatlyga telwasdyr!» diýlip bellenilýär.

Türkmenistan döwletimiz dünýä ýurtlary bilen dostlukly, netijeli gatnaşyklary ýola goýmak bilen, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerini hem işjeň durmuşa geçirýär. Şunda ýurdumyz adamyň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek we goramak boýunça ykrar edilen, hemişelik Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan jogapkärçilige doly düşünýär we bu babatda halkara kadalara kadalaryna esaslanýar. Umumadamzat gymmatlyklary we ählumumy ykrar edilen halkara ýörelgeleri biziň milli kanunçylygymyzda hem ileri tutulýar. Kabul edilýän kanunlar konstitusion kadalary aýdyňlaşdyrmak, demokratik ýörelgeleri giňeltmek, kepillendirilen hukuklary amala aşyrmak üçin şertleri döretmegiň hukuk kadalaryny berkidýär. Munuň özi hemişelik Bitaraplygymyzyň kanuny esaslarynyň berkdigini we çuňňurdygyny alamatlandyrýar.

Parahatçylygyň beýik taglymatçysy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de milli diplomatiýamyzy ýeňişli menzillerde öňe alyp barýan hormatly Prezidentimiz Arkadagly

Все права защищены

Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Mekan KÖMEKOW,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň fizika we informatika hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026